THE ASHGABAT TIMES

# Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygynyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet Hytaý Halk Respublikasynyň Sun Sinlin adyndaky Ýaşlar, ylym we tehnologiýa alyş-çalyş merkezinde boldular

2025-nji ýylyň 22-nji maýynda Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygynyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýeti Hytaý Halk Respublikasyna iş saparynyň çäklerinde Pekin şäherindäki Sun Sinlin adyndaky Ýaşlar, ylym we tehnologiýa alyş-çalyş merkezinde boldular.

Merkezde Sun Sinlin adyndaky gaznanyň çagalaryň saglygyny berkitmek babatda alyp barýan işleri bilen tanşyldy.

Şu ýylyň mart aýynda Hytaý Halk Respublikasynyň Sun Sinlin adyndaky gaznasynyň başlygynyň orunbasary hanym Şen Beili Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 4 ýyllygy mynasybetli Arkadag şäherinde geçirilen «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň hatyrasyna halkara işiniň ösüşi» atly halkara maslahata gatnaşdy.

Sun Sinlin adyndaky gaznanyň işi bilen tanyşlygyň dowamynda hytaý tarapy Türkmenistandaky Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işlerine ýokary baha berdiler we geljekde ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini aýratyn nygtadylar.

Şeýle hem dürli ugurlarda ýola goýulýan we uzak geljegi nazarlaýan türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň parlamentler derejesinde goldanylmagy dostlukly gatnaşyklaryň yzygiderli kämilleşmegine oňyn täsir edýändigi barada bellenildi.

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026